# Gündogar bazary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gündogar bazary GÜNDOGAR BAZARY

Bir gyrada başy selleli margir,
Tüýdük çalyp, ýylan oýnadyp otyr.
Bir gyrada ak sakgally tebip pir,
Dermanlyk otlary gaýnadyp otyr.
Bir gyrada meşhur jadygöý fakir;
Gaşyn çytman hanjar sokýar özüne.
Bir gyrada palçy müneçjim kempir,
Pal atýar sadaja oba gyzyna.
Bir gyrada goly çermelgi nilgär,
Boýan mawutlaryn serip ýör ýüpe.
Bir gyrada belli ogry-hilegär,
Kimi çürkäp boljak, syn salýar köpe…

Ortada Nusaýyñ gyzyl bugdaýy,
Ortada Hytaýyñ atly şalysy,
Ortada Müsüriñ ýüpek matasy,
Ortada Beşiriñ meşhur halysy.
Ortada Bagdatda ýasalan küýze,
Ortada Merwde basylan kitap,
Ortada Tähranda tikilen köwüş,
Ortada hurmadan bişirlen gutap.
Ortada Ürgençden getirlen gawun,
Ortada Pendide basylan keçe…
Guş süýdi diýseñem tapylar mundan,
Batyrgaý söwdalaş, durma-da gaça!
Harytlaryn mazamlarlar-öwerler,
Dilewardyr bakgallaryñ barysy.
Mugt bermezler welin, alaýsañ gerek,
Söwdalaşyp bilseñ, mugtuñ bärisi.
Ynsap göterilen däldir olardan,
Gerekmi tüwi al,

Gerekmi kişde…
…Ýatlanyňda gözüňe ýaş aýlanýar,
Arman, bu bazarlar galdy geçmişde…

Hemra ŞIROW. Goşgular